Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BILIM ÄHLI ÖSÜŞLERIMIZIŇ, BAGTYÝARLYGYMYZYŇ WE ABADANÇYLYGYMYZYŇ BINÝADY, BEÝIK GEÇMIŞIMIZIŇ HEM-DE GELJEGIMIZIŇ RÖWŞEN ÝOLUDYR.

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2025-nji ýylyň 8-nji dekabry

№ 98 (10435)

DUŞENBE



## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

**2025-nji ýylyň 11 — 13-nji dekabryny iş güni däl diýip yglan etmek hakynda**

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolmagynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli, ýurdumyzyň ilatynyň Halkara Bitaraplyk gününi dabaraly belläp geçmegi we oňat dynç almagy üçin oňaýly şertleri döretmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. 2025-nji ýylyň 11 — 13-nji dekabryny iş güni däl diýip yglan etmeli.
2. Şu Permanyň ýerine ýetirilmegini eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ähli edaralar, kärhanalar we guramalar üpjün etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Serdar BERDIMUHAMEDOW.**

Aşgabat şäheri, 2025-nji ýylyň 5-nji dekabry.

# AÝDYŇ MAKSATLAR — BEÝIK IŞLER

***5-nji dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň on bir aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemi jemlenildi.***

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa milli kanunçylygy kämilleşdirmek, täze kanunlary işläp taýýarlamak barada öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, şu ýylyň ýanwar — noýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň hukuk binýadyny berkitmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary H.Geldimyradow, B.Amanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew şu ýylyň on bir aýynda ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa gözegçilik edýän ulgamynda şu ýylyň ýanwar — noýabr aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy, milli senenamamyzda göz öňünde tutulan baýramçylyklar we şanly seneler mynasybetli dürli medeni çärelerdir dabaralar geçirildi. Yglan edilen döredijilik bäsleşikleriniň jemleri jemlendi. Medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyp ulanmaga berilmegi mynasybetli medeni çäreler guraldy. Döwlet Baştutanymyzyň Karary bilen, edebiýat, medeniýet we sungat işgärleriniň, höwesjeň aýdymçy ýaşlaryň hem-de zehinli çagalaryň arasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly baýragyny almak ugrundaky bäsleşik yglan edildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda medeni mirasymyzy öwrenmek hem-de giňden wagyz etmek üçin ähli şertleriň döredilýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere bu ugurda alnyp barylýan işleri, halkara hyzmatdaşlygy has-da kämilleşdirmegi, Halkara Bitaraplyk güni, Täze ýyl baýramy mynasybetli geçiriljek çärelere gowy taýýarlyk görmegi we olary ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewanyň hasabaty diňlenildi.

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe ylymly-bilimli nesilleri terbiýeläp ýetişdirmäge, okuw meýilnamalaryny we maksatnamalaryny kämilleşdirmäge, bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge gönükdirilen özgertmeler dowam etdirildi. Okuwçy we talyp ýaşlar halkara ders bäsleşiklerinde üstünlikli çykyş edip, altyn, kümüş, bürünç medallara mynasyp boldular. Degişli ýokary okuw mekdepleri tarapyndan halkara ylmy-amaly, okuw-usuly maslahatlaryň, halkara olimpiadalaryň birnäçesi guramaçylykly geçirildi. Hasabat döwründe ylym ulgamynyň kämilleşdirilmegine gönükdirilen işler dowam etdirildi. Aspirantura, doktorantura, alymlyk derejesine dalaşgärler hasaba alyndy. Doktorlyk we kandidatlyk dissertasiýalary goraldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ylym, bilim, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynyň işini kämilleşdirmegi dowam etdirmegiň, bilim bermegiň hilini yzygiderli ýokarlandyrmagyň, ähli pudaklar üçin ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamaga aýratyn üns bermegiň möhümdigini belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Daşary işler ministrligi tarapyndan şu ýylyň on bir aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, dünýä döwletleri, abraýly halkara guramalar bilen gatnaşyklary ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň zerurdygyna ünsi çekip, wise-premýer, daşary işler ministrine hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramy, Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli bellenen çäreleri ýokary derejede guramaçylykly geçirmek boýunça gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Çakyýew gözegçilik edýän düzümlerinde şu ýylyň ýanwar — noýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, milli ulag ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny yzygiderli berkitmegiň we döwrebaplaşdyrmagyň, ulag-logistika ulgamyny kämilleşdirmegi dowam etdirmegiň, üstaşyr gatnawlar üçin amatly şertleri döretmegiň, olaryň sanyny artdyrmagyň möhümdigini aýtdy. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz wise-premýere ilata edilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmaga aýratyn üns bermegi tabşyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, şu ýylyň on bir aýynda alnyp barlan işleriň netijeleriniň Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň uly üstünliklere eýe bolýandygyna aýdyň şaýatlyk edýändigini belledi. «Ykdysadyýetimiziň pudaklarynda özgertmeler üstünlikli dowam etdirilýär, önümçilik pudaklary yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar, täze, döwrebap kärhanalary gurmaga we bar bolan kärhanalary döwrebaplaşdyrmaga uly möçberde maýa goýumlar gönükdirilýär» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Hormatly Prezidentimiz hasabat döwründe jemi içerki önümiň ösüş depgininiň 6,3 göterime deň bolandygyny kanagatlanma bilen belledi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýylyň tamamlanmagyna az wagtyň galandygyna, şoňa görä-de, şu ýyly gowy netijeler bilen jemläp, täze — 2026-njy ýyly mynasyp garşylamak üçin degişli işleri alyp barmagyň möhümdigine ünsi çekdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllyk baýramy mynasybetli, halkymyzyň baýramçylygy dabaraly belläp geçmegi we oňat dynç almagy üçin, 2025-nji ýylyň 11-12-13-nji dekabry günlerini iş güni däl diýip yglan etdi we degişli Permana gol çekdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

# ÝURDUMYZYŇ ASUDALYGY — BAGTYÝAR DURMUŞYŇ GÖZBAŞY

***3-nji dekabrda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň şu ýylyň on bir aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijelerine garaldy. Şeýle hem Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek, olaryň işini has-da kämilleşdirmek bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.***

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýewiň hasabaty diňlenildi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, Türkmenistanyň goranyş häsiýetli Harby doktrinasynyň talaplaryna laýyklykda, döwletimiziň goranmak ukybyny has-da berkitmek, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçlerini maksatnamalaýyn esasda ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz ýokary hünärli harby gullukçylary taýýarlamak, olaryň iş we ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça netijeli işleri alyp barmagyň zerurdygyny aýdyp, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine bu babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Soňra Baş prokuror B.Muhamedow, içeri işler ministri M.Hydyrow, Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew, milli howpsuzlyk ministri N.Atagaraýew ýolbaşçylyk edýän düzümleri tarapyndan şu ýylyň on bir aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, degişli ýolbaşçylara anyk tabşyryklary berdi.

Mejlisiň dowamynda hormatly Prezidentimiz prokurorlary, Türkmenistanyň kazyýetleriniň kazylaryny wezipä bellemek we wezipeden boşatmak hakynda Permanlara hem-de Karara gol çekdi.

Soňra Döwlet serhet gullugynyň başlygy Ý.Nuryýewiň hasabaty diňlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň döwlet serhediniň dostlugyň hem-de hoşniýetli goňşuçylygyň serhedidigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz gullugyň işine öňdebaryjy tejribäni ornaşdyrmak, harby gullukçylaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak, ýokary hünärli serhetçileri taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny nygtap, bu ugurda degişli tabşyryklary berdi.

Adalat ministri M.Taganow raýatlara we edara görnüşli taraplara hukuk hyzmatlaryny amala aşyrýan düzümleriň işini talabalaýyk üpjün etmek, ýolbaşçylyk edýän düzüminiň işine sanly ulgamy giňden ornaşdyrmak boýunça şu ýylyň başyndan bäri görlen çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, milli kanunçylyk binýadyny has-da kämilleşdirmek, hukuk üpjünçiligini pugtalandyrmak, kadalaşdyryjy hukuk namalaryny taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işleriň möhüm ähmiýetini belläp, ministre birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew hasabat döwründe ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, şol sanda gullugy ösdürmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmek, döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmagyň hasabyna onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, gullugyň ýolbaşçysyna birnäçe görkezmeleri berdi.

Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy A.Sazakow şu ýylyň ýanwar — noýabr aýlarynda amala aşyrylan işleriň netijeleri, şol sanda döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklaryny ýerine ýetirmek maksady bilen görlen çäreler barada hasabat berdi. Şeýle-de gullugyň işgärleriniň netijeli işlemegi, ýaşaýyş-durmuşy üçin döredilýän şertler barada aýdyldy.

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, migrasiýa kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň möhümdigini aýtdy we bu babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalaryna ýüzlenip, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllyk baýramy, Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli baýramçylyk dabaralarynyň, halkara çäreleriň geçirilýän günlerinde howpsuzlygy, jemgyýetçilik hukuk tertibini ýokary derejede üpjün etmegiň zerurdygyny belledi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz Täze ýyl baýramynyň ýetip gelýändigine ünsi çekip, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylaryna degişli tabşyryklary berdi.

Mejlisiň ahyrynda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, halkymyzyň abadan hem-de bagtyýar durmuşynyň bähbidine alyp barýan jogapkärli gulluklarynda uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

# WATAN DIŇE HALKY BILEN WATANDYR!










## HEMIŞELIK BITARAPLYGYMYZYŇ 30 ÝYLLYGY DAŞARY ÝURT NEŞIRLERINIŇ SAHYPALARYNDA ORUN ALDY

Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Medeniýet instituty tarapyndan çärýekde bir gezek neşir edilýän «ECO Heritage» atly žurnalyň ýörite sany Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlandy. Onda şanly ýylda Türkmenistanyň syýasy we medeni durmuşynda bolup geçen möhüm wakalara, dünýäde üç gezek biragyzdan ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň ähmiýetine, ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn esasda hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ösdürilmegine, medeni gymmatlyklara bagyşlanan makalalar ýerleşdirilipdir.

Žurnalyň ýörite sanynyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanmagy ýurdumyzyň halkara başlangyçlarynyň we oňyn Bitaraplygynyň dünýäde giňden goldanylýandygynyň aýdyň nyşanydyr.

Hindistan Respublikasynyň Nýu-Deli şäherinde çap edilýän hem-de Aziýa sebitinde, sebitiň çäklerinden alyslarda ýaýradylýan «Business Central Asia» halkara žurnaly şu ýylyň noýabr aýyndaky sanyny Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna hem-de Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň gazanýan üstünliklerine bagyşlady. Bu neşir Türkmenistanyň halkara başlangyçlarynyň dünýä bileleşiginiň uly gyzyklanmasyna eýe bolýandygyny äşgär edýän nobatdaky subutnama öwrüldi.

Gruziýada «Foreign Business in Georgia» žurnalynyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan ýörite sany neşir edildi. Onda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik durmuşynda bolup geçen möhüm wakalara hem-de türkmen-gruzin gatnaşyklarynyň ösüşine degişli makalalar ýerleşdirilipdir.

Umuman, žurnal Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda BMG tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolmagynyň 30 ýyllygyny dabaralandyrýan ýurdumyzyň durmuşyndaky möhüm wakalar, sebit we ählumumy derejede durnukly ösüşe gönükdirilen halkara başlangyçlar baradaky maglumatlary özünde jemleýär.

**«Mugallymlar gazeti».**

## PARAHATÇYLYK: ÇAGALARYŇ SESI

Paýtagtymyzdaky Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde Türkmenistanyň Parahatçylyk gaznasynyň müdiriýeti, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi, Bilim ministrligi hem-de «Güneş» žurnalynyň redaksiýasy tarapyndan ýurdumyzyň umumybilim berýän mekdepleriniň 4 —12-nji synplarynda okaýan okuwçylarynyň arasynda Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli yglan edilen «Parahatçylyk: çagalaryň sesi» atly döredijilik bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy geçirildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaş nesli watançylyk, parahatçylyk söýüjilik we ynsanperwerlik ruhunda hem-de milli gymmatlyklarymyzyň esasynda terbiýelemek, ýaşlaryň tebigy zehinlerini ýüze çykarmak we olaryň döredijilik ukyplaryny ösdürmek esasy ugurlaryň biridir. Ynha, ýaşlaryň arasynda parahatçylyk, hoşniýetli goňşuçylyk medeniýetini giňden wagyz etmek hem-de çagalaryň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyza bolan egsilmez buýsançlaryny açyp görkezmek maksady bilen geçirilen bu döredijilik bäsleşigi täze zehinli ýaşlary ýüze çykarmakda uly ähmiýete eýe boldy.

Bäsleşige ýurdumyzyň dürli künjeginden mekdep okuwçylaryň 100-e golaýy gatnaşdy. Olar bäsleşigiň Düzgünnamasyna laýyklykda, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ösüşini, parahatsöýüjilik ýörelgelerini, döwletimizde durmuşa geçirilýän beýik özgertmeleri we ýetilen sepgitleri, hemişelik Bitaraplygymyzyň gazananlaryny, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny, ýaşlaryň bagtyýar durmuşyny, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň çeper keşbini açyp görkezýän hem-de «Dünýä dursun parahat!» diýen temada ýazan düzmelerini, çeken suratlaryny we ýasan maketlerini degişlilikde bäsleşigiň jemleýji tapgyryna hödürlediler.

Emin agzalarynyň gelen netijesine laýyklykda, gatnaşyjylaryň 18-si ýeňiji diýlip yglan edildi. Döredijilik bäsleşiginde has-da tapawutlanyp, baýrakly orunlara mynasyp bolan zehinli çagalara, bäsleşigi guraýjylar tarapyndan ýadygärlik sowgatlardyr Hormat hatlary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

**Näzik ATAÝEWA,**
**Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň baş hünärmeni.**

## HALKYMYZYŇ BUÝSANJY

Eziz Diýarymyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan ykrar edileni bäri geçen wagtda Türkmenistany syýasy, ykdysady, medeni taýdan ösdürmekde gazanylan üstünlikler, ýetilen belent sepgitler örän buýsandyryjydyr. Taryhy döwürde hemişelik Bitarap Türkmenistan halkara abraýa eýe bolup, saýlanyp alnan ýoluň aýdyňdygyny görkezdi. Hut şonuň üçin hem ata Watanymyzda amala aşyrylan ägirt uly işler her bir ildeşimizi buýsandyrýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bolup geçýän ösüşler we özgerişler, şol sanda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň we ilatynyň durmuş derejesiniň has-da ýokary depginler bilen ösdürilmegi dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekýär.

Hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz ösüş ýyllarynda sebitde we dünýäde parahatçylygy wagyz etmekde, hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmekde ägirt uly işleri durmuşa geçirdi. Umumadamzat bähbitli başlangyçlar dünýäde uly goldawa eýe bolýar. Hormatly Prezidentimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň plenar mejlisindäki çykyşynda öňe süren umumadamzat bähbitli başlangyçlary ähli ildeşlerimizi buýsandyrdy. Çünki dünýäde hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmekde medeni diplomatiýanyň ösdürilmegi halklaryň bagtyýarlygyny üpjün edýär. Hut şonuň üçin hem häzirki ajaýyp döwürde Türkmenistan bilen dürli ugurlarda deňhukuklylyk esasynda hyzmatdaşlyk edýän döwletleriň sany barha artýar.

Indi 30 ýylyň içinde Türkmenistan daşary syýasatda hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerine eýerýär, dünýä ýurtlary bilen hoşniýetli hyzmatdaşlygy ýola goýýar. Bu taryhy ýyllarda uly işler durmuşa ornaşdyryldy, umumadamzat bähbitli beýik başlangyçlar öňe sürüldi. Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň ençeme Kararnamalary kabul edildi. Bu taryhy Kararnamalarda umumadamzadyň bähbitleri öňe sürülýär, dost-doganlygyň berk binýady goýulýar.

Hemişelik Bitaraplyk syýasatyny ýöredýän Türkmenistan dünýäde durnukly ösýän ýurda öwrüldi. Hemişelik Bitaraplyk bu gün biziň durmuşymyz, durmuş ýörelgämiz bolup durýar. Çünki parahatçylyk we dost-doganlyk pederlerimiziň gymmatly mirasydyr, asyrlaryň dowamynda kämilleşdirip gelen ýörelgesidir. Häzirki ajaýyp döwrümizde hem parahatçylyk söýüjilik ýörelgesi dünýä ýaýylýar, umumadamzat jemgyýetçiligine wagyz edilýär.

**Mähri BERDIÝEWA,**
**Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy.**

## ÖSÜŞIŇ AÝDYŇ BEÝANY

Häzirki wagtda ýurdumyz ösýär, özgerýär, belent üstünliklere eýe bolýar. Hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýä ýurtlary bilen hoşniýetli hyzmatdaşlygy ýola goýýar. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlary hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli ösdürilýär. Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary bilen Garaşsyzlyk ýyllarynda milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, infrastrukturany düýpli gowulandyrmak maksady bilen, Türkmenistana uly möçberde maýa goýumlar çekildi. Türkmenistan indi dünýäniň dürli ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürip, täze daşary ýurt bazarlaryna işjeň goşulyşýar. Muňa döwrebap ulag-logistika infrastrukturasynyň döredilmegi, ýurduň Gündogar — Günbatar we Demirgazyk — Günorta ugurlary boýunça ulag-aragatnaşyk merkezleriniň birine öwrülmegi oňyn täsirini ýetirdi. Hormatly Prezidentimiz önümleriň dünýä bazarlaryna çykarylmagyny, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryň giňeldilmegini ykdysadyýetiň ösüşiniň möhüm şerti hökmünde kesgitleýär. Munuň özi Türkmenistanyň ählumumy we sebit ulag-kommunikasiýa ulgamlaryna oňyn täsiridir. Bu ulgam döwletleriň arasynda maddy binýat we haryt dolanyşygynyň guraly bolup durýar.

Maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň mümkinçilikleriniň giňden peýdalanylmagy sanly ykdysadyýete geçmek üçin şertleri döretmek bilen, döwlet dolandyryşynyň hilini we netijeliligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Sanly tehnologiýalara esaslanýan başlangyçlaryň durmuşa geçirilmegi döwrebap mümkinçilikleri döredýär. Milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşine we ilatyň durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna ýardam berýän oňyn halkara şertleri döretmek, dünýäniň hojalyk gatnaşyklaryna işjeň gatnaşmak, daşary ykdysady hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek, iri maýa goýumlaryny ýurdumyza çekmek ýaly wajyp wezipeler ileri tutulýar. Türkmen ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyň hasabyna eksportyň ugurlaryny artdyrmak we importyň ornuny tutýan önümçiligi ösdürmek, ekologik taýdan arassa, ýokary hilli oba hojalyk we beýleki azyk önümleriniň öndürilişini artdyrmak işleri amala aşyrylýar. Oba hojalyk önümlerini öndürijilere döwlet tarapyndan goldaw bermek, azyk howpsuzlygyny üpjün etmek hem milli ykdysadyýetimiziň kuwwatlydygyny beýan edýär.

**Jumamuhammet ABDYÝEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň uly mugallymy.**

## DÜNÝÄ NUSGALYK ÝÖRELGE

***Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy täze taryhy eýýamymyzyň şanly senesidir. Çünki şu ýyl ähli ildeşlerimiz üçin şanly ýyllaryň biri boldy, beýik işler durmuşa geçirildi. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde eziz Diýarymyz ösüşlere beslenýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň başlangyçlary umumadamzat bähbitli bolup, dünýäde parahatçylygy wagyz etmekde, medeni diplomatiýany ösdürmekde asylly işler durmuşa geçirilýär.***

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy Birleşen Milletler Guramasynyň 80 ýyllyk senesi bilen gabat gelýär. Munuň özi asylly maksatlaryň rowaçlanýandygyny, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň belent üstünliklerini aýdyň beýan edýär. Şanly ýylymyzda ýurdumyzyň dürli künjeklerinde beýik işler amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy dünýäde giňden ykrar edilýär, uly goldawa eýe bolýar. Ynha, 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda, 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda we 2025-nji ýylyň 21-nji martynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy esasynda üç gezek ykrar edildi. Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk syýasaty halklaryň arasynda ykdysady, syýasy, medeni gatnaşyklary ýola goýmakda möhüm ugur bolup hyzmat edýär. Bu ugurlarda hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmek, hyzmatdaşlygy has-da rowaçlandyrmak döwrüň talaplaryna laýyklykda ýola goýulýar. Şunda Türkmenistan dünýäniň ähli döwletleri bilen hoşniýetli goňşuçylyk, birek-birege hormat goýmak, deňhukuklylyk we hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan parahatçylyk söýüji daşary syýasaty ýöredýär. Şeýle ynsanperwer we hoşniýetli syýasat dünýä döwletleri, halkara guramalar tarapyndan doly ykrar edilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny dowam edýän hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Türkmenistan özygtyýarly we hemişelik Bitarap döwlet hökmünde dünýä döwletleri bilen parahatçylykly, dost-doganlykly gatnaşyklary ýola goýup, halkara giňişliginde binýady berkden tutulan kuwwatly döwletleriň hataryna goşuldy. Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň bellenilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda halkymyzyň parahatçylyk söýüjilik ýörelgesi dünýä ýaýylýar. Bularyň ählisi bagtyýar halkymyzy täze üstünliklere ruhlandyrýar.

**Jennet BABAÝEWA,**
**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mugallymy.**



## HOŞNIÝETLILIK ÝOLY ROWAÇLANÝAR

Hemişelik Bitaraplyk abadançylygyň we parahatçylygyň röwşen ýoludyr. Şeýle belent maksatlar bilen eziz Diýarymyz ösüşlere beslenýär. Häzirki ajaýyp döwrümizde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde täze ösüşlere ýetilýär, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň abraý-mertebesi belent derejelere eýe bolýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz parahatçylygyň, dost-doganlygyň mekany hökmünde dünýäde giňden tanalýar. Munuň özi her bir watandaşlarymyzyň köňlünde buýsanç döredýär.

Häzirki wagt täze eýýam, belent maksatlaryň rowaçlanýan döwrüdir.

Ýurtda parahatçylygyň, asudalygyň üpjün edilmegi bilen halkyň durmuş bagtyýarlygy gazanylýar, yhlasly zähmet çekmäge giň ýol açylýar. Türkmen halky öz buýsançly taryhynyň dowamynda parahat ýaşamagy, dünýä döwletleri bilen hoşniýetli gatnaşyklary ýola goýmagy asyrlarboýy ýörelge edinipdir. Şeýle rowaçlyklardan ruhlanýan bagtyýar türkmen halkymyzyň her bir güni taryhy wakalara, şatlykly senelere beslenýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda şanly Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygynyň giňden dabaralanmagy hem munuň aýdyň mysalydyr.

Bu ajaýyp döwürde hemişelik Bitarap Türkmenistan hoşniýetlilik ýörelgelerini, parahatçylyk söýüjilik ýoluny ösdürýär, dünýä ýaýýar. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy dünýäde halkara hyzmatdaşlygynyň we hoşniýetli gatnaşyklaryň ösdürilmeginde berk binýat bolup durýar. Ýurdumyz halkara hukuk derejesine laýyklykda, dünýäde oňyn Bitaraplyk syýasatyny amala aşyrýan döwlet hökmünde özüni tanatdy. Ösüş-özgerişleriň, täzelenişiň we gülläp ösüşleriň eýýamy – Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri türkmen jemgyýetiniň durmuşyny täze many-mazmun bilen baýlaşdyrdy. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde başymyzyň täji, gözlerimiziň röwşeni ata Watanymyzda gazanylýan üstünlikleriň, beýik ösüşleriň rowaçlanýandygyny buýsanç bilen bellemek gerek. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda halk bähbitli beýik işler durmuşa geçirildi, umumadamzat ähmiýetli başlangyçlar has-da ilerledildi.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hormatly Prezidentimiz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň plenar mejlisinde çykyş edip, umumadamzat bähbitli başlangyçlary öňe sürdi. Dünýäde hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmekde köpdilli diplomatiýanyň, medeniýetiň uly ornuny bellemek gerek. Hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlary umumadamzat bähbitlerinden gözbaş alyp, hoşniýetliligiň, dost-doganlygyň berk binýady bolup durýar. Munuň özi hemişelik Bitaraplygymyzyň oňyn ýörelgelerini aýdyň beýan edýär.

Hemişelik Bitaraplyk iň täze taryhymyzyň şuglasydyr, rowaçlygydyr. Hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýä ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy, hoşniýetli gatnaşyklary barha pugtalandyrýar. Bu asyrlara barabar beýik işler, asylly başlangyçlar her birimiziň köňlümizi buýsandyrýar.

**Baba MYRATBERDIÝEW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy.**

## DOST-DOGANLYGYŇ BERK BINÝADY

Hemişelik Bitaraplyk hukugyna eýe bolan ýurt dünýä döwletleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy alyp barýar. Ýurduň Bitaraplygy umumadamzat bähbitli başlangyçlary öňe sürmäge ýardam edýär. Parahatçylyk durnuklylygyň berk binýadydyr.

Türkmen halkymyz gadymy hem nurana ýoly täze döwre görä dowam etdirýär. Halkymyzyň gadymy ýörelgeleri bu günki gün döwre görä täze öwüşgine eýe bolýar. Bitaraplyk syýasatynyň özeninde parahatçylykly ýaşamaga ymtylyş, durmuşyň sazlaşygynyň, gözelliginiň ykrar edilmegi ýaly gymmatlyklar bar. Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynda ata-babalarymyzyň adamzadyň şöhratly taryhyna ýazan durmuş hakykaty şöhlelenýär.

Hemişelik Bitarap ýurduň alyp barýan syýasaty goňşy döwletlerde ynam döredýär. Ynam bar ýerinde parahatçylyk pugtalanýar, hyzmatdaşlyk ösýär. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik ýörelgeleri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda mynasyp dowam etdirilýär. Türkmenistan dünýäde parahatçylyk söýüjilikli ýörelgeleri wagyz etmek, halkara guramalaryň çäklerinde umumadamzat bähbitli başlangyçlary we teklipleri öňe sürmek ugrunda uly tagallalary edýär.

**Taýly BAÝRAMDURDYÝEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Daşoguz welaýaty boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, uly leýtenant.**

Köňüllerde buýsanç bar

# ŞANLY TOÝUŇ BELENT WASPY

*Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň, «Mugallymlar gazeti» gazetiniň redaksiýasynyň yglan eden «Bitaraplyk, doganlyk — saýlan aýdyň ýolumyz!» atly döredijilik bäsleşiginiň jemi jemlendi.*

*Bäsleşige bilim işgärleri işjeň gatnaşyp, makalalaryny, hekaýalaryny, goşgularyny hödürlediler. Döredijilik bilen meşgullanýan bilim işgärleri ýazan makalalarynda, hekaýalarynda, goşgularynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda ýaş nesliň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly bolup ýetişmegi we milli ruhda terbiýelenmegi ugrunda edilýän tagallalary, Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly ajaýyp goşgusynyň hem-de çuňňur manyly eserleriniň, hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy», «Änew — müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet», «Magtymguly — dünýäniň akyldary» atly kitaplarynyň terbiýeçilik ähmiýetini, hemişelik Bitaraplygyň halkymyza beren bagtyny joşgunly we çeper beýan etdiler.*

*Bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy ýakynda Türkmenistanyň Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde geçirilip, oňa bilim ulgamynyň işgärleri, halypa mugallymlar gatnaşdylar. Aýdym-sazly, ýokary ruhubelentlik we guramaçylykly geçirilen dabaraly çärede hormatly myhmanlar hem-de döredijilik bäsleşiginde ýeňiji bolan bilim işgärleri çykyş etdiler. Bäsleşigiň ýeňijilerine Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Hormat hatlary we Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy. Döredijilik bäsleşiginde ýeňiji bolan bilim işgärleriniň ýürek buýsanjyny okyjylarymyza ýetirmegi makul bildik.*

**Ogulbäbek BEGJANOWA, Arkadag şäherindäki 1-nji ýöriteleşdirilen okuw-terbiýeçilik toplumynyň mugallymy:**

— Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň bellenilýän günlerinde «Bitaraplyk, doganlyk — saýlan aýdyň ýolumyz!» ady bilen geçirilen bäsleşikde goşgy ýazmak ugry boýunça okuw-terbiýeçilik işlerini alyp barýarys.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda şeýle ganatly sözler bar: «Ýaşaýyş hemişe täze başlangyçlaryň muşdagy. Ösüş elmydama täzeçil pikirlenmelere, çynlakaý çemeleşmelere intizar. Durmuş her pursatda aýgytly gadamlara garaşýar, gerek ýerinde oýlanyşykly töwekgellikleri halaýar. Gadymdan gelýän hakykatlar täze döwrüň ruhy bilen utgaşanda ýaşaýşyň hörpi başgaça bolýar. Ynsanlar her pursatda bagtyň, her günde özüne mahsus rysgyň, her ýagşy hereketde berekediň bardygyna ynanyp, uýup hem-de şol aýratynlygy duýup ýaşaýar. Döwrümiz, döwletimiz, günümiz, aýymyz, ýylymyz babatda hemmämizem şol pikirde: niýetiňe görä nesibe, düşünjäňe görä netije, yhlasyňa görä ykbal tapyp bolýar».



Ýurdumyzda bilim ulgamynda zähmet çekýän bilim işgärlerine goýulýan sarpanyň belentdigine şaýat bolmak uly bagt.

Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen şygary bilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin alyp barýan beýik işlerini Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şöhratly şygary bilen dowam edýär, eziz Watanymyzy maksatly menzillere ýetirýär.

Ajaýyp arzuwlaryň hasyl bolýan ýurdunda, ak bagtyň şäheri — Arkadag şäherinde ýaşamaga, döredijilikli zähmet çekmäge ähli mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, döwletli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

***Bize ähli babatda nusgalyk Siz, görelde,***
***Halypalyk ýoluňyz —***
***biz ýaşlara ýörelge,***
***Bu gün türkmen adyny***
***göterdiňiz belende,***
***Alkyş Size, şöhrat Size,***
***Gahryman Arkadagymyz!***
***Arkadagly Gahryman Serdarymyz!***

**Gülnara JORAÝEWA, Dänew etrabyndaky 26-njy orta mekdebiň ýokary derejeli türkmen dili we edebiýat mugallymy:**

— Ösüp gelýän ýaş nesle bilim-terbiýe bermek işi bilen birlikde, döredijilik işi bilen meşgullanmak örän täsirlidir. Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk baýramynyň öňýanynda jemi jemlenen «Bitaraplyk, doganlyk — saýlan aýdyň ýolumyz!» atly döredijilik bäsleşiginde ýazan hekaýama mynasyp baha berlip, baş baýraga mynasyp bolmak miýesser etdi. Ýeňiji bolmak bagtynyň paýyma düşenine tüýs ýürekden buýsanýaryn.

Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny mynasyp dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzda bilim ulgamyny kämilleşdirmek we ösdürmek barada edýän tagallalary ähli bilim işgärlerinde buýsanç döredýär.

Ýurdumyzyň ýagty geljegi bolan ýaş nesli terbiýelemek, olara bilim bermek ýaly asylly käriň eýeleri bolan biz — mugallymlar päk ýürekden zähmet çekýäris. Şeýle asylly maksatlary ýörelge edinip, geljekde-de Watana wepaly, bilimli nesli terbiýeläp ýetişdirmekde ukyp-başarnygymyzy, yhlasymyzy gaýgyrmarys. Eziz Diýarymyzda giň gerimli özgertmeleri amala aşyrýan, ýaş nesli döwrüň belent ruhunda terbiýelemek üçin giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden buýsanjymyzy beýan edýäris. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!



**Ogulşirin USTAÝEWA, Akdepe etrabyndaky 42-nji orta mekdebiň mugallymy:**

— Buýsançly sözümiň başynda hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy bilen agzybir türkmen halkymyzy, Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy tüýs ýürekden gutlaýaryn. Goý, eziz Diýarymyzda hemişe toýlar toýa, baýramlar baýrama ulaşsyn!

Hemişelik Bitaraplyk ýurdumyzyň parahatçylykly ösüşiniň aýdyň beýanydyr. Bu asylly ýörelge halkymyzyň asyrlaryň dowamynda kämilleşdirip gelen gymmatlyklaryndan, parahatçylyk söýüjilik ýolundan gözbaş alýar. Şonuň ýaly-da, dünýäde parahatçylyk söýüjilik ýörelgesini wagyz etmek, halklar bilen hoşniýetli hyzmatdaşlygy saklamak müňýyllyklardan gelýän asylly hem aýdyň ýolumyzdyr.

Toý-baýrama beslenýän döwletli Diýarymyzda ýurdumyzyň bilim işgärleriniň arasynda «Bitaraplyk, doganlyk — saýlan aýdyň ýolumyz!» atly döredijilik bäsleşigi üstünlikli geçirildi. Bu bäsleşikde ýazan makalam üçin baş baýraga mynasyp boldum. Bäsleşikde üstünlik gazanyp, ýeňiji bolmak nesibäme düşendigi üçin özümi juda bagtly saýýaryn. Ýurdumyzyň toý-baýramly günlerinde toýdan paýly bolandygyma tüýs ýürekden begenýärin.

Toý-baýrama beslenen eziz Watanymyz hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ösüşleriň we özgerişleriň belent hem aýdyň ýoly bilen öňe barýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan tutumly işlerini Arkadagly Gahryman Serdarymyz üstünlikli dowam edýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzda gazanylýan beýik ösüşler, ýetilýän uly üstünlikler biziň her birimizi buýsandyrýar, ak ertirlere bolan ynamlarymyzy artdyrýar.

Şu buýsançly pursatlarda bagtyýar zamanada ýaşamak, işlemek, döretmek üçin uly mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarys.

**Taýýarlan Gülzar ABAÝEWA, «Mugallymlar gazeti».**

## DÖWREBAP ŞERTLERDE GURALAN ONLAÝN BÄSLEŞIK

***Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň Bilim ministrligi we Türkmen döwlet medeniýet instituty tarapyndan ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň gatnaşmagynda ýaş fotožurnalistleriň «Ýaşyl Zemin — abadan durmuş» atly halkara onlaýn döredijilik bäsleşigi geçirildi.***

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary esasynda halkymyzyň gadymdan gelýän parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik ýörelgeleriniň durmuşymyza giňden ornaşdyrylmagy netijesinde döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň halkara ähmiýeti yzygiderli ýokarlanýar we baý many-mazmuna eýe bolýar. Türkmenistanda üstünlikli durmuşa geçirilýän oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan döwlet syýasaty dünýä bileleşiginde giň goldaw tapýar. Bu halkara onlaýn döredijilik bäsleşigi ýokary derejä eýe boldy. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, Gahryman Arkadagymyzyň amala aşyrýan il-ýurt bähbitli, halkara, dünýä ähmiýetli beýik işleriniň, parahatçylygy goramak, tebigata, daşky gurşawa aýawly garamak, ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek boýunça tagallalarynyň taryhy ähmiýetini wagyz etmek, talyp ýaşlaryň döredijilik zehinukyplaryny ýüze çykarmak baş maksat boldy. Şunda ýaş nesliň şahsyýet hökmünde kemala gelmegine, ata-babalarymyzyň ruhy-ahlak ýörelgelerine wepaly nesiller bolup ýetişmegine ýardam bermek, olarda eziz Watanymyza, merdana halkymyza, milli medeniýetimize, baý we gözel tebigatymyza guwanjy, buýsanjy terbiýelemek, ýokary okuw mekdepleriniň operatorçylyk, režissura, žurnalistika taýýarlyk ugurlarynda bilim alýan talyplaryň hünär başarnyklaryny kämilleşdirmek ýörelgeleri ösdürilýär.

Döwrebap şertlerde guralan onlaýn bäsleşik zehinli talyp ýaşlaryň fotosuratlary, fotoreportažlary taýýarlamaga gyzyklanmalaryny artdyrmaga, degişli ugurda özara tejribe alyşmaklaryny üpjün etmäge, aýratyn zehinli talyp ýaşlary ýüze çykarmaga, döredijilik hyzmatdaşlygyny giňeltmäge, sanly ulgam şertlerinde talyp ýaşlaryň elektron, onlaýn fotosergilerini guramagy işjeňleşdirmäge ýardam etdi.

**Sähragül JANMÄMMEDOWA, Türkmen döwlet medeniýet institutynyň Ylym bölüminiň başlygy.**

«Merdana nesil — 2025»

## WATANÇY NESILLER — RÖWŞEN GELJEGIMIZ

Geçen şenbe güni paýtagtymyzdaky «Watan» kinokonsert merkezinde Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi bilen bilelikde Halkara Bitaraplyk güni hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesiniň ykrar edilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň 3 — 5-nji synplarynda okaýan oglanlaryň arasynda yglan eden «Merdana nesil — 2025» atly şadyýan bäsleşiginiň jemleýji döwlet tapgyry guraldy.

Bäsleşige Aşgabat, Arkadag şäherlerinden hem-de welaýatlardan okuwçy oglanlaryň 14-si gatnaşdylar. Bäsleşikde oglanlar şertleriň 3-si boýunça çykyş etdiler. Ýurdumyzyň okuwçy ýaşlarynyň ruhy taýdan ösmegini, ahlak, edep häsiýetleriniň berkemegini gazanmak, esasy ugurlaryň biridir. Şeýle-de milli medeniýetimizi we sungatymyzy yzygiderli ösdürmäge, ösüp gelýän ýaş nesliň sungat äleminde zehinli hünärmenler bolup ýetişmeklerini gazanmaga, ýaşlaryň döredijilik ukyplaryny, bilimlerini has-da kämilleşdirmäge gönükdirilen işler barha rowaçlanýar.



Şeýle asylly maksat bilen geçirilen «Merdana nesil — 2025» atly bäsleşikde baş baýraga Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Zaid bin Sultan Al-Nahaýýan adyndaky Döwletliler köşgüniň 4-nji synp okuwçysy Babajan Meretdurdyýew mynasyp boldy. 1-nji orny Türkmenbaşy etrabyndaky 18-nji orta mekdebiň 4-nji synp okuwçysy Yslamberdi Nyýazmämmedow eýeledi. 2-nji orna Bäherden etrabyndaky tebigy ugurly dersleri çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 27-nji orta mekdebiň 5-nji synp okuwçysy Umyt Rzagulyýew hem-de Murgap etrabyndaky 12-nji orta mekdebiň 4-nji synp okuwçysy Aly Jumamuhammedow dagy mynasyp boldular. 3-nji orna Daşoguz şäherindäki daşary ýurt diline ýöriteleşdirilen 10-njy orta mekdebiň 3-nji synp okuwçysy Salyh Baýramgeldiýew, Arkadag şäherindäki iňlis diline ýöriteleşdirilen 2-nji orta mekdebiň 3-nji synp okuwçysy Jemşit Allaberdiýew, Dänew etrabyndaky 11-nji orta mekdebiň 3-nji synp okuwçysy Meýlisjan Töreýew dagy mynasyp boldular.

Bäsleşikde aýratyn tapawutlanyp, degişli atlar bilen atlandyrylan okuwçy oglanlara bäsleşigi guraýjylaryň Hormat hatlary, ýadygärlik sowgatlary hem-de gül çemenleri dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

**Ogulgurban REJEPOWA, «Mugallymlar gazeti».**

Usulyýet — sapagyň esasy

## BAŞLANGYÇ SYNPLARDA MATEMATIKA SAPAGYNY GURAMAK

Başlangyç synplarda bilimiň berk binýady goýulýar. Başlangyç synpda öwrenilen bilimler geljekki üstünlikleriň gözbaşydyr, binýadydyr. Şu nukdaýnazardan, başlangyç synp okuwçylarynyň ünsüni sapaga çekmek, olaryň dünýägaraýşyny ösdürmek mugallymyň baş aladasydyr. Şunda mugallym guraýan sapagyny has-da täsirli edip geçmäge, okuwçylaryň aňynda gowy galmagyny gazanmaga, şeýle-de olaryň şol derse bolan gyzyklanmasyny artdyrmaga çalyşýar. Başlangyç synpyň matematika dersinde okuwçylar bilen «Köpeltmekde sanlaryň atlary» diýen tema geçilýär. Şonda okuwçylara sanlaryň goşulýandygyny, aýrylýandygyny we köpeldilýändigini düşündirýäris. Munuň üçin okuw kitabyny we multimedia tagtasyny peýdalanýarys.

Multimedia tagtasynda ençeme slaýd görnüşlerini taýýarlaýarys we sapakda peýdalanýarys. Başlangyç synplar üçin slaýdlar şekiljikler, suratlar bilen bezelen bolmalydyr. Munuň özi okuwçynyň ýadynda galmagyna täsir edýär, şeýle hem sapaga düşünmegine, öwrenmegine ýardam berýär. Multimedia tagtasynda şekilli görnüşlerden başlap, sanlaryň köpeldilişine, mysallaryň işlenilişine, hasaplamalara geçýäris.

$2 + 2 + 2 = 6$

Şu ýerde üç sany 2 san bar. Diýmek $2 \cdot 3 = 6$ görnüşinde hem mysallar düzmek bolýar.

Şeýlelikde, bu mysallardaky, köpeltmekdäki sanlaryň atlandyrylyşyny okuwçylara düşündirmek gerek. Munuň özi okuwçylaryň mysallary işlänlerinde, amallary ýerine ýetirenlerinde sanlaryň atlandyrylyşyny dogry beýan etmeklerine, pikirleriniň ösmegine ýardam berýär.

$2 \cdot 3 = 6$

*Köpeliji Köpeldiji Köpeltmek hasyly*

Köpeliji haýsy sanyň birmeňzeş goşulýandygyny aňladýar. Köpeldiji birmeňzeş goşulyjylaryň näçe gezek alnandygyny görkezýär. Köpeltmek hasyly birmeňzeş goşulyjylaryň jemini görkezýär. Şeýle-de, okuw kitabyndan okatmak bilen okuwçylaryň düşünjesini berkidýäris.



Guralýan sapaklarda öňki geçilen temalar boýunça gaýtalamagy guramak täsirli we peýdalydyr, çünki çaga öňküler boýunça temany ýatlap, täze tema bolan pikirini jemleýär. Temanyň täsirliligi mugallymyň tejribesine we zähmetine baglydyr. «Köpeltmekde sanlaryň atlary» diýen tema geçilende mugallym bu temany has hem täsirli edip gurap biler. Şunda okuwçylaryň matematika bilen birlikde, hasaplamak boýunça düşünjelerini hem berkitmek bolýar.

Multimedia tagtasyndaky mysallar we köpeltmek amallary okuwçylaryň ünsüni çekýär. Bu mysallary okuwçylar bilen bilelikde çözýäris. Munuň özi okuwçynyň ýadynda galmagyna, sapaga oňat düşünmegine ýardam edýär.

Okuwçylar täze tema degişli dürli mysallary işleýärler, hasaplamagyň netijesi barada öz pikirlerini beýan edýärler. Sapagyň dowamynda okuwçylar bilen geçilenler boýunça gysgaça sowal-jogap alyşmak peýdalydyr.

**Dünýä MÜLLIKOWA, Aşgabat şäherindäki 78-nji orta mekdebiň başlangyç synp mugallymy.**

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

## Bitarap Watanym

*Parahatlyk, asudalyk ýalkymy,
Gülleýär, gül açýar Bitarap Watan!
Ösüşe beslenýär türkmen halkymyz,
Gülleýär, gül açýar Bitarap Watan!*

*Dost-doganlyk mekanyna öwrülen
Bitarap Watanym, Türkmenistanym!
Mukamy sen Galkynyşlar döwrüniň
Bitarap Watanym, Türkmenistanym!*

*Bu gün adyň doldy ulus-illere,
Parahatlyk — aýdym boldy dillere,
Çar ýana uzaýar dostluk ýollary,
Bitarap Watanym, Türkmenistanym!*

*Asuda asmanda guşlar gaýyp ýör,
Kalbymyzy mähir bilen çoýup ýör,
Şu günüň röwşendir, ak geljegiň nur,
Bitarap Watanym, Türkmenistanym!*

*Şatlyk-şowhun tolkun atýar çar ýanda,
Waspy has belentdir şirin zybanda,
Güller açýar Galkynyşly zamanda
Bitarap Watanym, Türkmenistanym!*

**Myrat GURBANOW,
Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň baş hünärmeni.**

## Arkadag şäheri

*Belent binalary synlap oýlanýaň,
Ajaýyp keşbini görüp doýmaýaň,
Gojaman daglara ajap görk goşýan –
Arkadag şäheri — bagtyň şäheri.*

*Uly-kiçiň buýsanç bilen bakany,
Elwan güller — juwan kalbyň bahary,
Bagtyň şuglasynyň nurly säheri,
Arkadag şäheri — bagtyň şäheri.*

*Mähir bilen halkyň ýüregne siňen,
Gül Watana şöhrat hem şan getiren,
Waspyňy taryplar her bir setirim,
Arkadag şäheri — bagtyň şäheri.*

*Gülüp garşy alýar myhman gelende,
Gözel keşbiň sähralaryň gülünde,
Ajaýyp zamanda adyň belentde,
Arkadag şäheri — bagtyň şäheri.*

## Eziz Diýarym

*Päk ýüregiň joşup heýjana geler,
Owadan baharlar ak ýaýla geler,
Sähralar, meýdanlar reýhana geler,
Dostlugyň mekany eziz Diýarym.*

*Watanyň ýazlary ýürekde galar,
Daglary, düzleri gözüňde galar,
Peder gezen ýerler köňülde galar,
Ata-baba ýaşan eziz Diýarym.*

*Adyň dünýäde-de giňden bellidir,
Owadan baharlar ter çemenlidir,
Uly sarpaň jahanyň dilindedir,
Dostlugyň merkezi eziz Diýarym.*

*Mert ata-babalaň ýaşan Watany,
Magtymguly piriň joşan Watany,
Gadym ylym ojagynyň Watany,
Dilleriň senasy eziz Diýarym.*

*Danalaň hem bagşylaryň mekany,
Gerçekleriň, mert ýigitleň mekany,
Asudalyk, parahatlyk mekany –
Kalbymyň aýdymy eziz Diýarym.*

*Asuda, abadan, parahat döwür,
Ata ýurtda geçsin döwletli ömür,
Watanym güllesin, hoş bolsun göwün –
Dilleriň senasy eziz Diýarym.*

**Wepa JÜTDIÝEW,
«Neýtralnyý Turkmenistan» gazetiniň edebi işgäri.**

# BILIMLI ÝAŞLARA BUÝSANÇ

Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän döwrebap bilim özgertmeleri röwşen geljegimiz bolan ýaşlaryň kämilligini, ýokary derejedäki bilimlerini üpjün edýär. Ylym-bilim mümkinçilikleriniň ýokary derejesi, bu ulgamyň merkezlerine ylmy-tehniki täzelikleriň ornaşdyrylmagy bilen berk baglanyşyklydyr. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam edýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda bilim ulgamyny kämilleşdirmek ugrunda giň gerimli özgertmeler durmuşa geçirilýär. Çagalar baglaryndan başlap, orta we ýörite orta, şeýle hem ýokary okuw mekdepleri dünýä ülňülerine laýyk gelýän iň täze kompýuter tehnologiýalary, multimedia enjamlary bilen üpjün edilýär. Ýaşlara berilýän bilimiň ýokary derejede bolmagyny gazanmaga hem-de hünärmenleri taýýarlamak boýunça bitewi ulgamyň bolmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Ýaş nesliň daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwrenmekleri, olaryň dünýäniň iň öňdebaryjy tehnologiýalaryndan oňat baş çykaryp bilýän ýokary derejeli hünärmen bolup ýetişmekleri ugrunda irginsiz tagallalar edilýär. Dünýä dillerini bilmek bilen ýaşlarymyz dünýäniň ylmy maglumatlaryny tiz özleşdirýärler. Şonuň üçin hem sanly ulgam boýunça hünärmenleriň täze nesli kemala gelýär. Ýaş nesillerimiz sanly ulgama, kompýuter tehnologiýasyna, robot tehnologiýasyna oňat düşünýärler. Bu babatda takyk we tebigy bilimleriň özleşdirilýändigini, nanotehnologiýalara uly ähmiýet berilýändigini bellemek gerek.




Hormatly Prezidentimiziň tagallasy netijesinde bilim babatda amala aşyrylýan innowasion özgertmeleriň barşynda ylym-bilim ulgamynyň öňünde durýan wezipeleriň çägi barha giňeýär. Häzirki wagtda bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça yzygiderli işler durmuşa geçirilýär.

**Şemşat SENEBAÝEWA,
Aşgabat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.**

# SANLY ULGAMYŇ GIŇ MÜMKINÇILIKLERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe sanly ulgam ösdürilýär, iň döwrebap mümkinçilikler üstünlikli durmuşa ornaşdyrylýar. Şu ugurda, esasan hem, kompýuter tehnologiýasynyň, innowasiýalaryň ähmiýeti uludyr. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna innowasiýalary, öňdebaryjy tehnologiýalary we ylmyň gazananlaryny ornaşdyrmak arkaly ösüşi depginli alyp barmak, şeýle hem ykdysadyýeti dolandyrmak üçin ýaş alymlary, inžener-tehnologlary, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak ulgamyny kämilleşdirmek üçin anyk wezipeler kesgitlenildi. Şu nukdaýnazardan, milli ykdysadyýete sanly ulgam giň gerimde ornaşdyryldy, elektron senagatyň täze ugurlary ösdürilýär, adamyň aň-bilim maýasyna, işewürligine ýardam berýän sanly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň önümçiligi rowaçlanýar. Bu işleriň netijesinde kämil hünärmenleriň hem kemala gelendigini bellemek gerek.

Döwür ösýär, özgerýär, barha öňe barýar. Döwrüň öňde goýýan wezipelerinden ugur alnyp, milli ykdysadyýetimiz sanly ulgam esasynda pugtalandyrylýar. Şunda sanly tehnologiýalara oňat düşünýän, bilimli hünärmenleriň başarnygyny bellemek ýakymlydyr. Bu günki günde ýurdumyzyň bilim ojaklarynda, ýörite we ýokary okuw mekdeplerinde bu ugurdan hünärmenler taýýarlanylýar. Bu hünärmenler ýurdumyzyň senagatda, sanly ulgamda gazanýan üstünliklerine mynasyp goşant goşýarlar.

Sanly ulgam, kompýuter tehnologiýasy biziň durmuşymyzda giňden orun alandyr. Häzirki wagtda internet ulgamynda dürli programmalar, sanly mümkinçilikler hereket edýär. Esasan hem, kitaphanalaryň, habar beriş serişdeleriniň internet programmalarynyň giň mümkinçilikleri hödürleýändigi bu ugurda aýdyň üstünliklerdir. Biziň her birimiz elektron kitaplary kompýuterlerimize ýükläp alýarys, peýdalanýarys, okaýarys. Bu bolsa sanly ulgamyň biziň durmuşymyzdaky ornunyň pugtalanýandygyny görkezýär.

**Mämmetjuma MUHAMMETJUMAÝEW,
Hydyr Derýaýew adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.**

# YNSAN SAGLYGY — BAŞ BAÝLYGYMYZ

Ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmaga, keselleriň öňüni almaga uly ähmiýet berilýär. Beden hem-de ruhy taýdan sagdyn, Watanymyza wepaly, ukyp-başarnykly ýaş nesilleri kemala getirmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda, lukmançylyk ulgamyna kämil tehnologiýalary, öňdebaryjy dünýä tejribesini ornaşdyrmaga döwletimiz tarapyndan uly möçberdäki maýa goýum serişdeleri goýberilýär. Aşgabat we Arkadag şäherlerinde, sebitlerimizde dünýä ölçeglerine laýyk enjamlaşdyrylan hassahanalar, saglyk öýleri we merkezleri, şypahanalar, sport toplumlary yzygiderli gurlup, pudagyň üpjünçilik ulgamy döwrebaplaşdyrylýar. Ilata ýokary hilli lukmançylyk kömegi ýola goýlup, saglygy goraýşyň milli nusgasy has-da kämilleşdirilýär. Munuň özi dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýokary hilli saglygy goraýyş we bejeriş hyzmatlarynyň dürli görnüşleriniň halka elýeterli bolmagyny üpjün edýär. Şeýle hem ýurdumyzyň derman senagatynyň ösüşine täze itergi berildi. Arkadag şäherinde gurulýan lukmançylyk klasteri bolsa sanlyja ýyldan milli derman senagatynyň önümçilik kuwwatlyklaryny ep-esli artdyrmaga mümkinçilik berer.




Soňky ýyllarda açylyp ulanylmaga berilýän döwrebap saglyk merkezleriniň, hassahanalaryň, saglyk öýleriniň halkara güwänamalaryna mynasyp bolmagy olaryň ýokary derejesiniň, öňdebaryjy lukmançylyk tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylyşynyň dünýä ölçeglerine laýyk gelýändiginiň ykrarnamasy boldy. Şeýle döwrebap merkezleriň gurlup ulanmaga berilmegi bilen ýurdumyzyň ilatyna edilýän saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hili ýokarlanýar, täze iş orunlary döredilýär, lukmanlaryň iş şertleri has-da gowulanýar. Munuň özi milli saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmek üçin döwletimiz tarapyndan ähli mümkinçilikleriň döredilýändigine aýdyň şaýatlyk edýär.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilenine 30 ýyl doldy. Gahryman Arkadagymyzyň «Saglygy goraýyşda ýetilen sepgitler» atly kitaby hem şu geçen döwürde milli saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmek babatda ýetilen sepgitlere bagyşlanýar. Bu döwürde maksatnamadan gelip çykýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi netijesinde saglygy goraýyş ulgamynda ägirt uly ösüşler gazanyldy. Häzirki wagtda Diýarymyzda döwrebap lukmançylyk edaralaryny gurmak, ozal bar bolanlarynyň durkuny täzelemek bilen baglanyşykly meselelere aýratyn ähmiýet berilýändigi Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan giň möçberli özgertmeleriniň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň beýanydyr.

**Laçyn AMANOWA,
Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.**

# ASYLLY TERBIÝE — MILLI ÝÖRELGE

***Halkymyzyň asylly ýörelgelerinde ýaş nesliň terbiýesi, bilim öwretmek ýaly ugurlara aýratyn üns berlipdir. Bu asylly ýörelgeleri halkyň döreden pähimlerinde, nakyllarynda hem görmek bolýar. Nakyllarda beýan edilişi ýaly, ýaş nesliň kitap okamagy kämilligiň binýadydyr. Häzirki ajaýyp döwrümizde hem pederlerimiziň ýoluny dowam edip, ýaş nesiller bilim öwrenýärler, kämil hünärmenler bolup ýetişýärler.***

Geljegimiz bolan ýaşlaryň bagtyýarlygy, bilim öwrenmek mümkinçilikleriniň has-da kämildigi buýsandyryjydyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ýaşlara giň mümkinçilikler döredilýär. Ýaşlaryň bilim almaga, dünýägaraýşyny giňeltmäge bolan isleglerini artdyrmaga, ösüp gelýän ýaş nesillerimizde ýokary ahlak sypatlaryny kemala getirmäge, olar üçin amatly durmuş şertlerini döretmäge aýratyn üns berilýär. Häzirki ajaýyp zamanamyz — türkmen ýaşlarynyň bagtyýarlygynyň döwri. Ýaşlara bilim öwretmek, bilim özgertmelerini ilerletmek, ylmyň iň täze gazananlaryny üstünlikli durmuşa geçirmek döwletimiziň baş ýörelgesidir. Munuň özi röwşen geljegimiz bilen hem berk baglanyşyklydyr. Çünki ýaşlar biziň geljegimizdir, ertirki günüň kämil hünärmenleridir. Hut şu nukdaýnazardan, ýaş nesilleriň bilim öwrenmegi we olaryň watansöýüji nesiller bolup ýetişmegi baş aladamyzdyr.



Hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda şeýle belleýär: «Esasy bilim, iň wajyp terbiýe watançylykdadyr. Beýik ösüşlere ýetmek üçin, ilki Watany söýmegi öwrenmeli». Şu parasatly sözlerden görnüşi ýaly, watançylyk terbiýesi ýaşlar üçin gymmatly baýlykdyr. Watan söýgüsi pederlerimizden galan iň uly terbiýe, iň uly mekdep. Taryhyň dowamynda Watany söýmegiň beýik göreldesini görkezen pederlerimiz bu barada eserleri, pähimleri hem döredipdirler. Şeýle eserlerde hem-de rowaýatlarda beýan edilişi ýaly, uzak ýola gidýän gerçek ýany bilen bir gysym türkmen topragyny alypdyr. Bu Watan söýgüsinden kemala gelýän gymmatly ýörelge bolupdyr. Häzirki wagtda hem haýsy hem bolsa şäherlere, uzak ýerlere gidilende bir döwüm türkmen çöregini, duzuny alyp gitmek däbi ýöredilýär. Bu hem Watan söýgüsinden, dogduk mekanyň duzunyň mukaddesliginden kemala gelýär. Ösüp gelýän ýaş nesillerimize pederlerimiziň watansöýüjilik terbiýesini, görelde mekdebini öwretmek mugallymlaryň asylly ýörelgesine öwrüldi. Munuň özi nesil terbiýesiniň ajaýyp ýörelgesidir.

**Bagdagül UDAÝEWA,
Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň mugallymy.**

# ÜSTÜNLIGIŇ ŞUGLASY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda raýatlaryň saglygyny goramakda we berkitmekde hem-de olaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmakda, keselleriň öňüni almakda, mahlasy, ynsan saglygy barada alada etmekde ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň çäklerinde saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamyny ösdürmek, jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgelerini kemala getirmek, ilatyň saglygyny berkitmek ýaly möhüm wezipeler kesgitlenildi. «Saglyk» Döwlet maksatnamasynda esasy wezipeleriň biri hökmünde maşgala lukmançylygynyň ornaşdyrylmagyna hem aýratyn üns berilýär.

Häzirki wagtda saglygy goraýyşda ilata maşgala ýörelgesi boýunça berilýän hyzmatlar doly ýola goýuldy we bu işler gün-günden kämilleşdirilýär. Ýurdumyzda sportuň ösdürilmegi, adamlaryň sagdyn durmuş ýörelgesine eýermekleri, kadaly iýmitlenmekleri, sanjymlaryň wagtynda edilmegi, wagyz-nesihat işleriniň ýokary derejede geçirilmegi keselçiligiň azalmagyna, käbir keselleriň ýok edilmegine, ilatyň ömrüniň ortaça dowamlylygynyň artmagyna getirdi. Saglygy goraýyş ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýady berkidilýär. Ýurdumyzda dünýä ülňülerine laýyk gelýän iň täze lukmançylyk enjamlary bilen enjamlaşdyrylan birnäçe halkara bejeriş-sagaldyş merkezleri açylyp ulanylmaga berildi. Welaýat merkezlerinde, Aşgabat, Arkadag şäherlerinde dünýä ülňülerine laýyk gelýän, döwrebap bejeriş-öňüni alyş merkezleriniň açylyp ulanylmaga berilmegi, şypahanalaryň durkunyň täzelenmegi we täze şypahanalaryň halkymyzyň hyzmatynda goýulmagy keselleriň öňüni almaga, keseliň anyk kesgidini goýmaga, ýokary derejede lukmançylyk bejergisini geçirmäge mümkinçilik berýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitaplary biz — lukmanlara hem-de halkymyza uly gollanma bolup hyzmat edýär. Häzirki wagtda ähli saglygy goraýyş edaralarynda bu kitabyň esasynda fitobar otaglary döredildi, bu otaglarda halkymyza ýurdumyzda bitýän dermanlyk ösümliklerinden taýýarlanan melhemlik çaýlar we dürli hyzmatlar hödürlenýär we onuň ähmiýeti barada giňden wagyz edilýär. Bu ylmy kitabyň dünýäniň birnäçe dillerinde çap edilmegi ýurdumyzda ösýän dermanlyk ösümlikler barada dünýä halklarynyň hem düşünje almagyna mümkinçilik berýär.

**Aknabat MUSTAFAÝEWA,
Aşgabat şäherindäki 10-njy saglyk öýüniň baş lukmany.**

ABUNA — 2026

## HORMATLY OKYJYLAR!

*Gazetimiziň elektron görnüşine «turkmenmetbugat.gov.tm» internet sahypasynda hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysynda «Merkezi gazet-žurnallar we welaýat gazetleri» bukjasyndan ýazylyp bilersiňiz.*



**Elektron görnüşine ýazylmak üçin telefon belgimiz: 39-96-40.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.

TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

4833001500073

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-117659

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.